# Köşeşdir meni

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Köşeşdir meni KÖŞEŞDIR MENI

Däli göwnüm däliligne tutanda,
Köşeşdir meni.
Özümiñ özüme erkim gidende,
Köşeşdir meni.

Şatlanamda şärik boljagym az däl,
Gitsem, gelsem garşy aljagym az däl,
Haýyş sana bu kereşme ýa näz däl,
Köşeşdir meni.

Karar, takat azalanda janymda,
Özge ýokdur sanawymda, sanymda,
Şol pursatda bolmasañda ýanymda,
Köşeşdir meni.

Daşym dolam bolsa çeksem ýekelik,
Bir özümi çete çekse ýekirip,
Şeýle mahal mätäç zadym ýeke-täk,
Köşeşdir meni.

Gysylyp-gowrulyp daralsam birden,
Janyma jaý tapman urunsam birdem,
Bilýärin bu işi bitirjek bir sen,
Köşeşdir meni.

Rozygül ÝAZHANOWA. Goşgular